# Umumy talaplar

## Klimatik şertler

Jaýda pol düşemekden öňki we soňky we pol düşemek wagtyndaky klimatik şertler aşakdaky talaplara laýyk gelmeli:

- jaýda howanyň temperaturasy > +18° C;
- pol ýüziniň temperaturasy > +15° C;
- howanyň şertli çyglylygy 40% - 70%.







## Akklimatizirleme

Pol düşemezden öň laminirlenen pollary açylmaýan gaplarda düşeljek jaýda 48 sagat saklaň.




## Pol düşemek üçin ýüz

Ähli ýüzler umumy tehniki talaplara laýyk gelmeli we hereket edýän normatiwleri hasaba alyp üstüne pol düşemek üçin ýaramly bolmaly. Pol düşemäge ýüz taýýarlap aşakdaky talaplaryň ýerine ýetirilişine aýratyn üns berilmeli:

- pol düşemek üçin ýüziň gurulygy, plita örtükleri üçin çyglylygyň saklanmagynyň kadasy (agram çyglylyk görkezilen) – 4%, sement-çäge birleşmeleri üçin – 5%, tagta esas üçin – 7%-den köp däl;




— tekizligi (bir metre pol derejesiniň maksimal üýtgäp durmaklygy 3 mm-den köp däl);




— gatylygy/ göterijilik ukyby;

— tämizligi.



Tikinsiz pollardan başga PWH-dan pollar, linoleum, rezin ýa-da agaçdan edilen örtükler hem, ýokardaky talaplara laýyk gelse, pol düşemek üçin ýüzler hökmünde hyzmat edip biler.

Dokma pol örtükleri esas hökmünde ýaramsyz hasaplanýar.

Elektrik ýylatma bilen ýyly pollaryň esas hökmünde ýaramlylygy çäkli hasaplanýar.

## Suw bilen ýylatma bilen pollaryň peýdalanylmagy

Laminirlenen pol örtüklerini suw bilen ýyladylýan polda düşemek mümkin. Şeýle ýagdaýda suw bilen ýyladylýan pol öndürijisiniň instruksiýasyndan peýdalanyň.

## Elektrik ýylatma bilen pollaryň peýdalanylmagy

Elektrik ýylatma bilen ýyly pollary laminirlenen pol bilen peýdalanmaga esasan ýaramly, ýöne ýylydyjy elementler plýonkaly elektrik ýylydyjy görnüşinde üstünde ýatan däl, tikinsiz polda ýa-da beton gatyna oturdylan bolmaly.

Dykgat! Ýüziň temperaturasy 28°C-den ýokary bolmaly däl.




Eger ýylydyjynyň öndürijisi ýüziň temperaturasynyň 28°C-den ýokary hiç wagt bolmazlygyny üpjün etse, saz-lanan plýonkaly elektrik ýylydyjylar esasynda ýyly pollar laminirlenen pol bilen peýdalanmaga ýaramly bolup biler. Plýonkaly elektrik ýylydyjylar esasyndaky standart ýyly pollar temperaturanyň ekstremal üýtgäp durmaklygy ýagdaýynda 28°C-dan has geçiren ýüziň temperaturasyny döredip bilýär, şol sebäpli pol düşemek esasy hökmünde ýaramsyz hasaplanýar.

# Pol düşeme

## Pol düşemegiň esasy kadalary

1. Pol düşemezden öň poluň tagtalarynda mümkin görünýän kemçilikleriň barlygyny barlap görmek gerek. Bozulan tagtalary düşemek gadagandyr.



2. Laminirlenen pollary gurnamak üçin Size gerek: ruletka, galam, byçgy, diwara aralyk saklamak üçin söýgetler, galyňlygy 0,2 mm polietilen plýonka, beýikligi 3 mm köp bolmadyk ses geçirmeýän astlyk we käbir halatlarda ýelim.




3. Tikinsiz poluň ýa-da minerally esasdaky poluň ýüzi çyg geçirmeýän polietilen plýonka bilen dolulygyna örtülmelidir. Plýonka zolaklary baglanyşyk sepleşýän ýerlerinde giňligi iň az 200 mm bolýan bir-biriniň çetiniň üstünden goýulmaly. Ähli esaslar üçin ses geçirmeýän astlyk maslahat berilýär. Astlyk sepleşip goýulmaly, bir-biriniň üstünden däl.







4. Laminirlenen pol örtüginiň elementleri hemişe ýüzüş usuly bilen goýulmaly.
5. Tagtalary pol düşeme ýüzine durgun birleşdirmek (ýelim, nurbatlar çüýler bilen) gadagandyr.



6. Ýanaşyk hatarlardaky tagtalar sepleriniň süýşmesi iň az 200 mm.




7. Ähli gaty gurluşyk ýüzleriniň kompensasion jaýrygy - 8 – 10 mm.




8. Ähli gapy ýerlerinde, ötelgeler, çylşyrymly konfigurasiýaly jaýlarda we uzynlygy ýa-da giňligi 10 m-den artygrak bolýan jaýlarda geçitler/bosagalar goýulmaly.







9. Penjirelerden yşyk tagtalar seplerine parallel dik tarap boýunça düşmelidir. Şeýle ýagdaýda pol örtükleriniň arasyndaky tikinler çala bildirýän boljak.

## tertip ýerleşdirme

1. Pol tagtalarynda oýuk (A) we darak (B) tapyň.




Birinji hatarda jaýyň uzak çep burçundan düşemege başlaň. Üstünde darak (B) ýerleşýän pol tagtasynyň iki tarapy diwara bakmaly. Düşemege başlap diwara aralyk saklamak üçin söýgetleri goýuň.






Hatary gurnap pol tagtalaryny dik tarap boýunça bir-birine şu şekilde birleşdiriň: birinji tagta we her bir soňky goýlan tagtanyň oýugyna täze tagtanyň daragyny burç astynda giriziň. Ondan soň tagtany dolulygyna pola indiriň, ol dolulygyna pola ýatmalydyr.




2. Birinji hataryň soňky tagtasynda gerekli uzynlyk ölçäp byçgylap kesiň. Galyndysy 200 mm-den kem bolmasa, ikinji hatary birinji hataryň soňky tagtasynyň galyndysyndan düşemege başlaň. Yzyndan gelýän her hatary ozalky hataryň soňky tagtasynyň galyndysyndan düşemege başlaň.

Dykgat! Yzyndan gelýän her hataryň tagtalarynyň keseligine kesilen ýerleriniň sepleriniň ozalky hataryň tagtalarynyň seplerinden süýşmesi iň az 200 mm bolmaly. Ýylmanan erňegi we/ýa-da özboluşly dekor (meselem, plitka imitasiýasy bilen dekor) bilen pol örtükleriniň tagtalarynyň seplerinden süýşmesi bir ugurly we ýylmanan erňegine we nagyşyna mynasyp bolmaly.




3. Ikinji hatary we yzyndan gelýän her hatary düşemege hataryň tagtalaryny dik tarapdan birleşdirmekden başlaň.

Hatar gurnandan soň ony galdyryp daragyny ozalky hataryň oýugyna burç astynda giriziň we indiriň, hataryň bütin uzynlygy boýunça dolulygyna gulp gulplanmaly.









4. Soňky hataryň elementlerini has dogry kesmek üçin:

- Diwardan 8-10 mm aralygyndaky pol tagtasynyň kömegi bilen iň soňkynyň öň ýanyndaky hatara belgi goýuň;
- Bu hatary söküp pol tagtalarynyň artyk böleklerini belgiler boýunça kesiň;
- iň soňkynyň öň ýanyndaky hatary täze pol tagtalaryndan gurnaň;
- kesilen pol tagtalaryndan düşenen hatary soňky hatar hökmünde peýdalanyň.

## Jemgyýetçilik we kommersiýalyk jaýlarda pol düşeme

Jemgyýetçilik we kommersiýalyk jaýlarda pol düşeleninde, ortaça çyglylyk derejesi hasaba alynmaly. Şunuň ýaly şertlerde pol elementlerini ýörite ýelim bilen ýelmemek gerek. Ýelim ýokarky daraga çalynmaly, pol elementlerini düşemekde elementleriň bütin birleşdirme tikinleri boýunça ýelim galyndylary daşara çykmaly. Ýelim galyndylaryny pol tagtasynyň ýokarky böleginden derrew ýa-da ýelim bir az gurandan soň çykarmak mümkin.




Dykgat! Ýelim çalnandan soň pol tagtalary arasynda jaýryklar galmasyn.

## Gapy gutylary

Gapy gutylaryny laminirlenen pol örtüginiň we astlygyň jemlenen beýikligine gysgaltmak maslahat berilýär. Ondan soň pol örtügini düşemek gerek, pol tagtasy gapy gutysynyň astyna girmeli, pol örtügi we diwar we/ýa-da başga pol arasynda kompensasion jaýrygy (8 – 10 mm) galmaly. Eger Siz gapy gutysynyň ýanynda pol düşemegi tamamlaýan bolsaňyz, bu bölekde täze pol tagtasyny düz ýerleşdirmek üçin, ozal düşenen pol tagtasy oýugynyň daşary çykýan ast bölegindäki kilti isgene bilen çykarmak gerek. Bu bölekde birleşdirme ýörite ýelim bilen üpjün edilýär.

Eger gapy gutysyny gysgaltmak mümkin däl, meselem, metaldan edilen gutylar, laminirlenen pol we diwar we/ýa-da başga pol arasynda tikinler elastik massa bilen doldurylmaly ýa-da amatly tamamlaýjy profiller bilen ýapylmaly.

## Turbalara laýyk getirme

– turbalar ýerleşýän ýerini ölçüp, kompensasion jaýrygyny hasaba alyp, ony pol tagtasynda bellik ediň.

– Turbalar diametrinden iň az 16 mm ulurak deşikler burawlap deşiň.




– Pol tagtasynyň bölegini deşiklere 45° burç bilen byçgylap kesiň.




– Pol tagtasynyň kesilen bölegini başga böleklere laýyk getirip ýelmäň.




# Pol düşemekden soň

## rekomendasiýa

– Mebel aýaklaryny keçeden edilen prokladkalar bilen üpjün ediň.



– Agyr mebeliň ornuny üýtgetme wagtynda ony galdyryň.



– Diwanlar we kürsüleriň tigirçekleri ýumşak bolmalydyr.




— Poly arassalamak üçin azrak nemli esgi bilen süpüriň, örän çygly esgi bilen däl.





— Pola suw dökülen bolsa ony derrew çykarmak gerek.




— Abraziw arassalaýjy materiallar we pol örtüklerini sürtmek bilen zyýan edip bilýän başga serişdeleri peýdalanmak gadagandyr.

— Poly düzlemek, ony mum ýa-da lak bilen örtmek gadagandyr.



— Gury arassalama tozan sorujylary peýdalanmaga ýol berilýär.



— Çygly arassalama tozan sorujylary (ýuwujy tozan sorujylar) we bug bilen arassalaýjylary peýdalanmak gadagandyr.



– Pol örtüklerini irimçik hapadan goramak gerek, girelge zonasynda kir tutuji halyçalary peýdalanyň.




– Pol örtükleri üçin alkogol ýa-da sirke esasyndaky arassalaýjy serişdeleri peýdalanyň. Arassalaýjy hökmünde benzin, lak çykarmak üçin serişdeleri, uniwersal tegmil aýryjy serişdeleri hem peýdalanmaga ýol berilýär.

– Gap-gaç ýuwujy serişdeleri, suwuk sabyn we plýonka ýaly başga arassalaýjy serişdeleri peýdalanmak gadagandyr.







– Eger, laminirlenen pollaryň berkligine garamazdan, bir zeperi ýüze çykarsa, kiçi zeperleri ýörite galyplaýjy pasta bilen düzetmek mümkin. Eger bütin pol tagtasy dolulygyna bozulan bolsa ony hünärmen çalyşmaly. Zerur bolanda üpjün edijiňize ýüz tutuň.

## Kepilnama

1. Bu kepilnama pol düşeme we ulanmak boýunça instruksiýadaky talaplar hasaba alynyp ýaşalýan jaýlarda düşelen LA MOENA laminirlenen pol örtüklerine ýaýraýar.
2. Gorag gatynyň we astyndaky dekoratiw kagyz gatynyň sürtülmegi görnüşinde ýa-da dolulygyna çykarylmasy şeklinde pol örtüginiň tagtasynyň bozulmasy kepilnama ýagdaýydyr. Bozulan ýer gowy görnüp duran bolmaly we 1 sm-den kiçi bolmamaly.
3. Durmuş enjamlarynyň düşmegi netijesinde emele gelen, ýarygy ýa-da döwlen ýeri bolmaýan sähelçe ýüzleý ýepbeşikler kepilnama ýagdaýy däldir. Ýiti uçly zatlar bilen ýetirilen zeperler hem kepilnamadan çykarylýar.
4. Bu kepilnama daşky zeperlere ýaýramaz, meselem, mebel bilen sürtülme netijesinde emele gelen ýepbeşikler ýa-da hapalanmalar.
5. Bu kepilnama pol örtükleriniň öz gereginiň garşysyna peýdalanmasy, awariýalar, güýjüni ýeňip geçip bolmaýan ýagdaýlar sebäpli we ýaşalýan jaýlarda adaty bolmaýan başga ýagdaýlaryň netijesinde emele gelen zeperlere ýaýramaz.
6. Bu kepilnamany başga adamlaryň adyna geçirmek gadagandyr, ol ýalňyz gös-göni satyn alyja degişli.
7. Bozulan pol örtügini demontaž etme we düşeme harajatlary kepilnamadan çykarylýar.

8. Kepilnama ýagdaýyny kabul etme karary çykarylmakdan öň pol örtüklerini düşeme we ulanmak talaplarynyň berjaý edilmesini barlamak üçin öndürijiniň adyndan wekilleriniň ýa-da distribýutoryň wekilleriniň pol örtügi düşelen desgany seredip görmäge hukugy bar.

* kepillik laminatyň üstüniň sürtülmegine ýaýraýar.
1) Klas
2) Öýde ulanmak üçin kepillik döwri
3) Täjirçilikde ulanmak üçin kepillik döwri